# Daş asyryň gyzy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Daş asyryň gyzy / hekaýa DAŞ ASYRYŇ GYZY

Asmandaky ýylyzlaryň sanyny Öwezguly mugallym biler ýaly, ony ýörite guralda asmana seredip, saç düşürenler bir bilýärmikä? Ýöne Öwezguly mugallym ýyldyzlaryň sanyny bilmese-de, bir zady bilýär. Ana şony hem onuň ömründäki iň uly işi, asyl açyş hasaplaýarlar. Ýyldyzlar ýaly sanetmez ýyllaryň aňyrsyndaky «Daş asyry» diýilýän döwürde erkek adamlar hakda-da gürrüňem ýok, hat-da aýal-gyzlar hem tutanerli, wagşydan gelen garadangaýtmaz bolupdyrlar. Şeýle garadangaýtma, jepakeş bolmadyk bolsalar, ol döwürde ýakylan ody şu günlere çenli öçürmän saklaýmak ol aýallara başardaýmazdy hem. Iller bu açyşyň sebäbini Öwezgulynyň güýçli taryhçylygyndan däl-de, onuň Daş asyrynyň gyzyna öýlenendiginden gözleýärler.

***

Öwezguly beýtjek däldi. Ony Daş asyryň gyzyna öýerdiler. Şeýlelikde, onuň öz dili bilen aýtsak, Aşgabadyň garagörnümde guma süsdürilip oturan obanyň köne urp-adatlardan lenji çykan düşünjelerden häzirki döwrüň ösen siwilizasiýasyna barýan ýoluna böwet basdylar. Ýigidiň gylawyny gaýtardylar. Ýogsam, ol obanyň towuk keteklerine çenli döwrebaplaşdyrmak meýliniň çetinden ýaňy giripdi. Yzyna düşýän oba oglanlarna teatryň nämedigini görkezipdi. Uniwersitetden sypynyp, negada bir oba gelýän Öwezgulynyň ýanyndan aýrylmaýan Daňatar-ha indi şäherdäki «Park» diýilýän ýerde üstlerinden «El hepus» diýdirýän ýakymly ys gelýän gyzlar bilen gol tutuşmanyň hem aýp däldigini bildi.
Öwezgulynyň oda-köze düşüp, oba durmuşyny özgertjek bolup ýörmesine onuň okuwa girmegi, has dogrusy, şäheriň owadanlygy günäkär. Ol köneden galan garaja öýüni keçesine, gamşyna… häli-şindi serenjam berip, gupba ýaljak edip saklaýan Howaly

aganyň uly agtygynyň ýanynda-ha çalarak zeýrenäýipdirem: «Siziňem köne oraçaňyz, wapçe bolanok, aýraýyň-a how, ýere taşlanan şypyrma ýaly edip…
«Dogrymy aýdaýyn, ine, obam diýip, yzyňa kurdaşyňy tirkäp gelmäge utanýaňdareý…» diýipdir.
Öwezgulynyň etsem-petsemli ädimleriniň öz ülpetlerinden, deň-duşlaryndan başlanmagy ýöne ýerden däl. Munuň aňyrsynda uly oýlanyşyk ýatyr. Çünki apgyrdy giden garrylaryň aňyny «siwilizasiýa» ugrukdyranyňdan Hudaýberdi gorkagyňky ýaly ýeri depip, sarysyny çykarmagyň ýeňil düşjekdigi Öwezgula aýan. Onsoňam, ýaşlaryň geljegi bar. Olaryň geljegini şäher durmuşyny gören gyzlar bilen baglamaly. Munuň üçin Öwezguly öz ykbalyny hem gaýgyrjak däldi. Saçy örüme bolmaýan şäher gyzlarynyň birine öýlenjekdi. «Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir!» diýýärler. Daňatara meňzeş alp göterer. Nädersiň ýöne oba şäher suwyny içen gelinden dolaýsa?! Onsoň Howaly agalar hem pozzam ýaly bolup oturan köne oraçalaryny aýyrmabilse, aýyrmasyn. Aý, şol gelinler arza beýleki ýazyp, çagalar bagynam açdyrar görseň, obada. Ýöne Öwezguly hyrçyna gan öýdürmeli boldy. Öz obalaryny gum görüp ýören halyna, gör-ä, bolýan zatlary! Tejen aýagyndaky gumda üç-dört oýnam öýli bolup ýaşaýan daýzalarynyň gyzyny äberjekmişinler. Öwezgulynyň sesi hoş habar aýdandyryn öýdüp, buşluk dagam diläp duran uly gelnejesine ýaka towlatdy.
– Gelneje, size meni heläýläň diýip ýer depip duran ýog-a. Entek okuwam gutaranok. Okuwy gutaraýamda-da özüm tapjag-a birini. Asylly ýeriň çagasy diýip, özüňizden çykany alaýjagam-aý siz! Maňa dagy geňeşme, etmek ýok. Wapçe bolaýdyňyz-aý! Oň bilen ýaşaşjak sizmi ýa men?
Goňşy otagdan gelen ardynjyrama sesi Öwezgulyny haýalçyratdy.
– Öwgäm, sesiň ýognasrak çykaýýamy köşek? Näme düýn emmeden aýrylandan maslahatdan sorap, Hojanazaryň akly çaşypdyr diýip eşitdiňmi? Haý…
Ogullary-ha beýlede dursun, märekede, beýlekide ýerliksiz söz atanyň ýüzüni daraklap goýbermäni hiç zatça görmeýän Hojanazar aganyň aýdanlaryndan sakgallaşlary-da çykaýyp bilenok. Öwezgulynyň guýrugyny göneltmegi üçin hem ýaky «Ähem-ühem»

ýetik boldy.

***

Öwezguly okuwdaka ýene ýagşy ekeni. Biri-birine kämahal görýändiklerindenmi, nämemi, o diýen ysnyşykly bolmasalar-da, gykylyk-galmagallary-ha ýokdy. Ýöne hyruçly etsem-petsemleriniň bady gaýtarylan ýigit oba mekdep mugallymy bolup gelensoň, gelnini görse gygy ajap duran bolaýdy. Her gün bir zat diýip, ýüzüni almasa Güni dogup, ýaşmajak ýaly hamana. Aram-aram Hojanazar aganyň Öwezgulyny göneldäýmesi bardy. Ol bende hem pahyr bolansoň, ýigidiň öňüne çöp atan tapylmady. Uly agasy birki ýola ululyk edip, kakasynyň ornuny tutjak boldy. Ýöne Öwezgulynyň ýetip bilmedik siwilizasiýasynyň –döwrebaplygynyň armanlarynyň döreden iňirdileri ondan üstün çykdy. Ol-a, şu töwerekde durmadan hem elli bizar geçdi. Obanyň o çetinden iki çetik jaý saldyryndy-da süzüberdi. Her hiçikde bolsa, Bossan zor geldi. Gulagyny iýip barýan iňirdileri üçin heleý şeraýlygyny etmedi. Töwerekdäki gyňajy könelenräkleriň göwünlik bereni hem tapyldy: «Siz ýalykak bizem şeýledik. Köpeliberiň bakaly, dert-aladadan ýaňa öýke-kinä wagt tapmanjyk geçersiňiz» diýdiler. Bossanam şoňa bil baglaýardy. O-da bolmady. Ýogsam-a dört-bäş baş bolmaga wagt ýetdi. «Çilelisiň» diýdiler. Bossan-a iliňki ýaly oňa-muňa görünibermäni hem oňarmady. Iňirdiden çekindi. Bir gezek ýaňzydyp gördi. Garaşyşy ýalam jogap aldy. «Meň ýanymda eňkamy giden iki kempiriň samahyllysyny aýtma! Hatly-petekli, aňly-düşünjeli öýden girip-çykyp ýöreniňe bir asyr geçdi. Haýwantaklygyň galjakda şonda-da».
Bu zatlar hiç eken. Oba içiniň soňky hyşy-wyşysy Bossany – dünesi düňderilene dönderäýdi. Hyşy-wyşy edere esasam bardy. Çünki Öwezguly arakesmede öňküleri ýaly mugallymlaryň üýşýän otagyna däl-de, iňlis dili mugalymy bolup gelen, başy açyk, şäherli zenan bilen mekdebiň öňündäki oturgyçlara çekilýärdi. Munuň bolsa, ýat erkekdir ýat aýaly beýle ysnyşykly ýagdaýda görmedik obany bujuryk pikirlere itenjekdigi açyk. «Öwezguly bilen bileräk okapdyr. Söýüşipmişlerem, Hojanazar aganyň

aldyrmadyk gyzymyş. Şu ýere-de ýöne ýere gelmänmiş. «Öwezjany görüp dursam bes maňa» diýýärmiş». Bu agzyboşlaryň gürrüňi. Dogrusy, bu myş-myşlaryň jany ýok däldi. Şäherli zenan Öwezgulynyň köneleşen etsem-petsemleri ýadyna saldy, ýigitlik ahmyryna sary öjükdirdi. Indi gol göterip garşysyna çykjak ýok. Biri bar, oda Bossan.

Öwezguly üçin bu gün hem bahana tapyldy. Gapydaky ojakda dyz boýy ýalyny labyrdadyp duran oda gözi düşenden myrryhy atlandy.

– Eý, aşarda ot ýakyp, näme, gündiziň günortany şamanoda bökdürjek bolýaňmy?

– Ýok-la, ýaňy gazanymy aýyrdym. Gazy kesdiler. Ho-ol mekdebiň ýeňsesinden geçýän gaz turba deşilipmi, nämemi…

– Eý, ilkidurmuş adamlaryndan tapawudyňam ýog-eý, seň! Samankümä syçraýan uçgunlary görmän, garagyň gapykmy? Daş asyrynda ýaşaýandyryn öýdýäňmi, öçürmäni bileňok. Aý, hakykatdan-da äwüp-säwüp Daş asyryndan şu güne düşäýen zat-laý sen!

Öwezguly otly kesindini depdi. Kesindiniň oba sokulan ujy daşy küljerip ugran közlerden eslijäni alyp galdy-da, özüni depen aýagyň üstünden eňterdi. Öwezguly köwşüni çykarjak bolýan ýaly edip aýagyny eýläk-beýläk silkeledi. Joraby jopba-jopba deşilen hem bolsa, aýagyna üýtgeşik zat bolmandyr. Bossan ýüz tapmajagyny bilse-de, jandurmazlyk etdi.

– Aýagyňy ýakaýan-a däldir-dä, kakasy! Bir zat çalaýaly!

– Kakasy, kakasy diýip aljageý, hamana ekiz-ekizden ogul dogrup beren ýaly.

Bossanyň iňirdi çekmäge werdiş bolan gerdeni ýaňky gürrüňi götermedi. Mümkin, perzentsizligindendir, edil bagryna ýapyşaýdy. Asyl, sesini çykrmany bilmeýän dymma gelin heňkiräýdem.

– Ogul diýeniň taňýamy näme, tikip, öňüňe togalaýar ýaly. Oňa heleý iňirdisini etmeýän erkek gerek, heleý iňirdiňem bizarlar etdi seň! Iňirdäp-iňirdäp heleýe dönübem barýaň. Nirden ogul bolsun onnoň?! Aslynda-ha seň ýaly erkegiň heleý iňirdisini çekmeli däl-de, şol bozuk zenanam öýe getir-de, ýaşaň, diýip maňlaýyňa basyp çykyp gitmeli-le!

«Heleýe dönübem barýaň!» diýen jana batýan sözden soň «Birki şarpyk çalaýmalymy, ýa beýtseň düýeplik, halys yzagalaklyk bolýarmyka?» diýip, ikirjiňlenip duran Öwezgula «Çykyp gitmeli-le» diýen söz hoş ýakdy. Diýjegini diline getirdi.
– Diýýäniňi edäýseň-ä bor welin, ony başarmarsyň.
Her niçikde bolsa, ertesi gün okuwdan soň Öwezguly gelnine käýemeli bolmady. Ony gapynyň ýokarsyna gysdyrylan el ýaly kagyz garşy aldy.
«Öwezguly! Elin maşyn gabat geldi, öýümize gidýän, gözleme! Gelmejek bolaryn, arkaýyn bol!
Bossan».
Bu ýazgy Öwezgulynyň arzuwalaryny ýadyna saldy. Ol çalarak ýylgyrdy. «Şu zamanyň aýallaryna ynam ýog-a. Beýlekini getirenimi eşidip geläýmesin. Sutlaşyp dagy etse subutnama bolar» diýip, hatly kagyzy gursak jübüsine saldy.

***

Öwezgulynyň etsem-petsemli çaklamalary çaklamalygyna galdy. Ýaş ýeleňler onuň göreldesine eýerip, obada başy açyk gelinleri köpeldibermediler. Iňlis dilinden okadýan zenan hem Öwezgulylaryň tozanly köçesi bilen kän gatnamaly bolmady. «Şähere» diýip, çykyp gidip, soň köwlenmändirem. Ýöne Öwezguly aýal meselesinde ýalňyşan-da bolsa, Bossana «Daş asyryň gyzy» diýip ýalňyşmandyr. Çünki oba mugallymlary bu pikiri açyş derejesine çenli göterip ýörler. Olar arakesmede Öwezgulynyň ýok wagty Daş asyry hakda gürrüň edip, şu zamanaň aýallarynda şol döwrüň häsiýetleriniň saklanyp galandygyny aýdýarlar.
Onsoňam, Öwezgulynyň üşeýän bolup, tomsuň tüp yssysynda-da kibtini gysyp ýörmesine oba mugallymlary bolup, hiç düşünip bilenoklar. Edebiýatdan okadýan Orazberdi-hä Öwegguly hakda gürrüň gozgalsa şol iki-üç sözlemjigini atyp galýar.
– Arada kitap sorap baraýmanmy, öýi pyrlampaç aýlanan ýaly sowuk eken. Daşardanam derläp bardym. Asgyrdyberse nädersiň?! Birki gün burnumy çekip gezmeli etdi. Ýogsam konnysynerem-ä ýok weli, öýünde bir sowuklyg-a bar şoň.
Orazberdi edebiýat mugallymy-da. Belki, onuň çyna berimsiz

edip gürrüň berýän bu sözleriniň aňyrsynda nähilidir bir toslama ýatandyr. Ýöne öwezgulynyň kibtini gysyp ýörenligi bolsa çyn.
Belkem, Daş asyrynda gowaklarda adam sürülerini ýyladan oduň gyzgyn çogy aýallaryň süňüne siňip, şol gyzgynlyk aýal süňňünde şu güne çenli saklanyp galandyr. Mümkün, Daş asyrynda ýakylan ody öçürmän saklamak wezipäniň aýal boýnuna düşmegi, şu günlerde hem oja odunyň öçmezligini aýala bagly edip goýandyr. Onsoň Öwezguly ýaly ojagynyň oduny öçürmän saklaýan süňňüne Daş asyrynda ýakylan oduň ýylysy siňen aýaly bolmadyklaryň tüp yssyda-da üşäýmekleri ahmal-a. Hekaýalar